# Häsiýetnama / intermediýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Häsiýetnama / intermediýa HÄSIÝETNAMA

– Meret Muhyýewiç, maña häsiýetnama gerek welin…
– Näme, ýene-de öýlenjek bolýañmy, ýa okuwa zada giräýsem diýip hyýallanýañmy?
– Ýok-laý, neme üçin gerek…
– Turist bolup gitjek bolýañmy, daşary ýurda. Başlygyñam gözden salmagyn how, iki eliñi burnuña sokup geläýmegin.
– Başlyk, harakteristka maña başga zat üçin gerek.
– Hany, bar, başymy agyrtma-da, ýaz-da getir. Gol çekip peçat basyp bereýin.
– Özüm özüme ýazaýynmy?!
– Dagy näme, özüñi özüñden gowy bilýän adam barmy?
– (Jübüsinden kagyz çykaryp uzadýar). Ynha, Meret Muhyýewiç, men-ä şeýleräk ýazaýjak.
– (Okap ör-gökden gelýär). Ah-ow, muny nädäýipsiñ?! Aç-açanlyk döwri bolany bilen muny beýdäýmek bolmaz ahyry.
– Hä, nädipdirin?
– (Okaýar)… Işe köplenç içgili ýagdaýda gelýär, goh-galmagal turuzýar, kollektiwde çigidiñ gabygy ýalam abraýy ýok…
Ýok men beýle zada gol çekip bilmen.
– Başlyk, men henizen huşa getirjä düşenimi aýtmadym. Gaýrat ediñ!
– Ýok, ýok, ýalbarybam oturma, bu zatlary görkezsek, taýagyñ beýleki ujy gelip maña deger. Dur, dur, muña dagy sered-ä! (okaýar) …Gaçgyny jemgyýetçilik işi, bir ýumuş tabşyrsañ, on gezek ýatlatmaly… Sen näme, däliredińm-ow?!
– Başlyk jan, haýyş edýän, şu durşunajyk gol çekip beräýiñ, hä.
– Bolmaz diýdim, bolmaz!
– Aklygyñ-a ýetireýin, başlyk.
– Ah-ow, bi häsiýetnama saña haýsy edara üçin gerek.
– Woennikomadal-aý.

– Ah, häliden şeý diýip düşnüklije aýt-da. Bar, maşynkada ýazdyryp gel, gol çekip bererin. (Ol gidýär, yzyndan) Eý, Sapbyýew, ýañky aklyk diýýäniñi unudaýmagyn-how!

Täçmämmet JÜRDEKOW. Satiriki hekaýalar